# STANDART, hil we howpsuzlyk

TDS

Esaslandyryjysy — «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy

№3
2023
YLMY-TEHNIKI ŽURNAL
НАУЧНО-ТЕХНИЧЕСКИЙ ЖУРНАЛ
SCIENTIFIC AND TECHNICAL MAGAZINE



Döwletimiz 1991-nji ýylyň güýzünde mukaddes Garaşsyzlygyna eýe bolanyndan soň, ýurdumyzyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynda düýpli özgertmeler amala aşyryldy. Aslynda, 32 ýyl taryh üçin örän gysga möhlet. Muňa garamazdan, şol ýyllaryň içinde ýurdumyzyň demokratik we dünýewi döwlet gurluşynyň binýatlaryny berkitmekde uly işler amal edildi. Şu döwrüň içinde geçilen ýol ýurdumyzyň durmuşynda şöhrata beslenen, ykbal özgerdiji ýol boldy. Garaşsyzlyk halkymyza düýpgöter täze many-mazmunly, milli aýratynlyklara ýugrulan täze eýýamy peşgeş berdi.

# GARAŞSYZLYK – TÜRKMEN DÖWLETLILIGI

Garaşsyzlygyň öz häsiýetli aýratynlyklary bar. Garaşsyz döwlet öz maksatlaryny we wezipelerini özbaşdak kesgitlemek, içeri we daşary syýasatyny özbaşdak amala aşyrmak, halkara gatnaşyklary ýola goýmak, halkara şertnamalara gol çekmek, bileleşiklere goşulyşmak ýaly hukuklara eýedir. Garaşsyzlygyň beýleki esaslary bilen bir hatarda, halkara esaslary aýratyn bellärliklidir. Şol döwürden başlap, döwletimiz halkara gatnaşyklarda öz ornuny berkidip başlady. Şonuň esasynda ýurdumyz 1992-nji ýylyň 2-nji martynda BMG-niň deňhukukly agzalygyna saýlanyldy. Garaşsyzlygyň halkara derejeli ähmiýeti barada nygtap, Gahryman Arkadagymyz: «Mukaddes Garaşsyzlygymyz daşary ýurtlar bilen dostlukly gatnaşyklary ýola goýmak üçin täze mümkinçilikleri açdy. Biz bu ugurda halkara bileleşigiň bütin dünýäde parahatçylygy, ählumumy howpsuzlygy, durnukly ösüşi üpjün etmek boýunça tagallalaryny hemmetaraplaýyn goldamaga gönükdirilen işleri alyp barýarys» [1. 33-34 s.] diýip belleýär.

Ählihalk sala salşygynyň netijesinde, ilatyň örän köp böleginiň biragyzdan ses bermegi bilen, Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň kabul edilmeginiň esasynda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygy we döwlet gurluşynyň esaslary hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanuny kabul edildi. Ol Garaşsyz Türkmenistanda ilkinji kabul edilen kanundyr. Kanunda: «Türkmenistanyň garaşsyzlygy belent maksatlaryň hatyrasyna — türkmen halkynyň öz hakyky milli döwletini edinmeginiň hatyrasyna, milletine, jynsyna, sosial gelip çykyşyna we uýýan dinine garamazdan, her bir adam üçin Türkmenistanyň Konstitusiýasynda, Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynda we halkara hukugynyň beýleki kadalarynda göz öňünde tutulan hukuklary we azatlyklary üpjün etmegiň, kanun agalyk edýän ynsanperwer demokratik jemgyýet gurmagyň hatyrasyna jar edilýär» [2] diýlip kesgitlendi.

Umuman, Garaşsyzlygyna eýe bolan türkmen halky uly ösüş ýoluna gadam basdy. Halkymyzyň müňýyllyklardan gaýdýan taryhyny, edebi mirasyny, dilini, medeni gymmatlyklaryny gaýtadan dikeltmäge we şu günki nesillere ýetirmeklige ähli mümkinçilikler döredildi. Şonuň üçin hem biz şol güni Garaşsyz döwletimiziň döran güni hökmünde baýram edýäris. Garaşsyzlyk baýramy bolsa biziň ähli üstünliklerimiziň, ýeten belent sepgitlerimiziň aýdyň dabaralanmasydyr.

**EDEBIÝAT**


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. *Abadançylygyň röwşen gadamlary.* — A., 2022 ý.
2. https://bp..gov.tm



***Agakuwwat ALLABERDIÝEW,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň halkara hukugy we deňeşdirme hukuk öwreniş kafedrasynyň mugallymy.***


# STANDARTLAR WE OLARYŇ HALKARA DEREJELILERI

Gündelik durmuşymyzda yzygiderli ulanylýan sözleriň biri — «standart». Bu söz köp manyda ulanylyp, onuň bir manysy «standartlaşdyrmak boýunça kadalaşdyryjy resminamalar» diýmekligi aňladýar. Kadalaşdyryjy resminamalaryň nämedigine akyl ýetirmek üçin, geliň, ilki bilen standartlaşdyrmagyň kesgitlemesi bilen tanşalyň!

«Standartlaşdyrmak hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasynda «standartlaşdyrmak» sözi şeýle düşündirilýär: «Standartlaşdyrmak — önüm (işler, hyzmatlar), onuň işlenip taýýarlanylmagynyň, öndürilmeginiň, ýerlenilmeginiň, ulanylmagynyň (peýdalanylmagynyň), saklanylmagynyň, daşalmagynyň prosesleri babatda ölçegleriň, düzgünleriň we häsiýetnamalaryň bellenilmegi boýunça iş». Şol maddada kadalaşdyryjy resminamalara hem düşündiriş berlip, degişli resminamalaryň işiň anyk görnüşlerine ýa-da olaryň netijelerine degişli düzgünleri, talaplary, umumy ýörelgeleri, häsiýetnamalary özünde saklaýandygy barada aýdylýar. Şeýlelikde, kadalaşdyryjy resminamalar ýokary hiliň nusgasy bolup, standartlaşdyrmak degişli resminamalaryň üsti bilen alnyp barylýar.

Kadalaşdyryjy resminamalaryň ýurdumyzda Kanun esasynda ulanmaga rugsat edilýän birnäçe görnüşi bolup, halkara standartlar olaryň biridir. Halkara standartlar standartlaşdyrmak boýunça halkara gurama tarapyndan tassyklanylýar. Degişli resminamalar hyzmatdaşlyk hakynda halkara ylalaşyklaryň (şertnamalaryň), şeýle hem ygtyýarlyk berlen edaranyň standartlaşdyrmak boýunça degişli halkara, sebit guramalary bilen ylalaşyklary esasynda ulanylýar. Halkara standartlaryň bellige alynmagy we ulanylmagy ygtyýarly edara tarapyndan bellenilen tertipde amala aşyrylýar. Halkara standartlaryň esasy maksady bar bolan ulgamlary ösdürmek we kämilleşdirmek we olary tassyklamak üçin halkara derejede bitewi metodiki esas döretmekdir. Halkara standartlar ösen we ösýän ýurtlarda tehnologiki innowasiýalary ýaýratmak üçin şert döredýär, milli we halkara bazarlaryň ösüş depginini artdyrýar.

Öz gezeginde haýsydyr bir halkara standartlaşdyrma gurama agza döwlet şol guramanyň kadalaşdyryjy resminamasyny ulanmaga borçly däl. Agzalyga kabul edilen döwletler haýsy standartlary çelgi edinjekdigini özleri çözýärler.

Mälim bolşy ýaly, ýurdumyz Garaşsyzlyga eýe bolanyndan soň, birnäçe halkara standartlaşdyryş guramalarynyň agzasy boldy. Soňky ýyllarda ýurdumyzda gurlup, ulanylmaga berilýän binalardyr desgalaryň, öndürilýän önümleriň halkara standartlara laýykdygynyň güwäsi hökmünde laýyklyk sertifikaty berilýär. Ýakynda, has anygy, üstümizdäki ýylyň 24-nji sentýabrynda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde hormatly Prezidentimiz standartlaşdyrmak boýunça halkara we sebitara guramalar, şeýle hem daşary ýurtlaryň ygtyýarly edaralary bilen özara hyzmatdaşlygy giňeltmelidigini nygtady. Şeýle tutumlar milli standartlaşdyrma ulgamynyň mundan beýläk-de pajarlap ösmegini şertlendirýär. Şeýle ösüşleriň sakasynda duran Gahryman Arkadagymyzyň, peder ýoluny mynasyp dowam etdirýän hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak, tutýan tutumly işleri mundan beýläk-de rowaç bolsun!


***Bahar HEMRAÝEWA,***
***Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň talyby.***